# Agyr Ýarymaý

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Agyr Ýarymaý AGYR ÝARYMAÝ



*Siriýaly ýaş gyzyñ elitalaryñ üýşmeleñinde «Bereketli Ýarymaýyñ» ýurtlaryna «gargyş siñendigini» we bu ýurtlaryñ asla asuda durmuşda ýaşamajakdygyny duýýandygyny aýtmagy meniñ inimi düýrükdirdi*
Kyrkynjy ýyllarda liwanly akyldar Antun Sadi Siriýany, Liwany, Palestinany, Yragy, Kipri öz içine alýan «Beýik Siriýanyñ» birleşmegine çagyrýan «Siriýanyñ Sosial-nasionalistik partiýasyny» gurdy.
Amerikan alymy Jeýms Genri Bristed ýeri-suwy bilen bu sebite «Bereketli Ýarymaýýñ» adyny berdi.
Adalga sebitiñ çeper edebiýatynda, syýasatynda, taryhynda ýörgünli söze öwrüldi.
Pikir çaknyşyklary arap nasionalizmi we siriýa nasionalizmi

görnüşinde iki esasy herekete bölündi.
Antun Sadi 1949-njy ýylda Liwanda ölüm jezasyna höküm edildi. Onyñ adyny göterýän partiýasy-da Siriýada gadagan edildi. Emma «Bereketli Ýarymaý» ideýasy sebitiñ intelligensiýasynyñ uly bölegini özüne çekip geldi.
Siriýaly ýaş gyzyñ elitalaryñ üýşmeleñinde «Bereketli Ýarymaýyñ» ýurtlaryna «gargyş siñendigini» we bu ýurtlaryñ asla asuda durmuşda ýaşamajakdygyny duýýandygyny aýtmagy meniñ inimi düýrükdirdi. Ýaş gyz halkara we sebitleýin çaknyşyklaryñ bu ýeri «Agyr Ýarymaýa» öwrendigini aýtdy.
1948-nji ýyldan bäri agzalan ýurtlaryñ biriniñem gowgasyz geçen ýeke gününiñ ýokdugyny, ýöne häzir Kipr bilen birlikde (sözüniñ şu ýerinde güldi) ählisiniñ howp-hatarda we howatyrdadygyny nygtady.
Ýykgynçylyk we goh-galmagal kartinalarynyñ iñ ýiti sahnasy Ysraýylyñ demirgazygyndaky täze göçüp gelýän jöhitler üçin açyk ar alyş terakty bolan dowzahy bombalamalaryñ asttbda hemmesi Beýruta sary göçen Günorta Liwanyñ kartinasydy.
Demirgazykdaky täze göçüp gelýän jöhitler ähli agyrlygy bilen liwan urşuna dönen Gaza urşunyñ bir böleginiñ rubrikasy edildi. Muña garşylyklaýyn «Bereketli Ýarymaýyñ» dörän ýurdy bilan Siriýada syrly ümsümlik höküm sürýär.
Frontlar ýa-da «Hizbullahyñ» başlygynyñ ilkibaşda atlandyran görnüşi bilen arenalar ot alyp tutaşdy. Şamda prezident Beşar Esad hamana uruş başga ýerlerde bolýan ýaly birtopar hemişeki permanlaryny we kararnamalaryny çykardy. Düýnki güne çenli bu ýerde syýasy we harby kararlary kabul edijiniñ özüdigi baradaky pikiri döreden Russiýa hem şeýle hereket edýär.
Soñky döwürde Russiýanyñ Ukrainadaky hasaplary we Ysraýylyñ bu hasaplardaky täsiri Siriýa bolan gyzyklanmasyny, hatda ol ýerde toplan täsirinden duýýan buýsanjyny yzda galdyrana meñzeýär.
Bu täze deñagramsyzlyk sebitdäki umumy ýagdaýa aşa dartgynlyk görnüşinde täsirini ýetirer. ABŞ hemişeki ýerinde. Russiýa ýok diýen ýaly. Hytaý tüýs ýüregi bilen umyt edýär…

Semir ATAULLAH,

Liwanly žurnalist.

Şenbe, 28.09.2024 ý. Publisistika